# Han Halylyñ bazary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Han Halylyñ bazary Han Halylyñ bazary

Nişapurdan gelen ýüzük gerekmi?
Balyk ýagy, ýa-da ýülük gerekmi?
Otur barmagyña dakyp bereýin!
Omaçadan dilñe kakyp bereýin,
Sen ýöne nämä hyrydardygyñ
Aýytsañ bolýar!

Şorja sirkelije kesmek gerekmi?
Sapy merjenlije jübtek gerekmi?
Geç, ynha, şakäse gyryp bereýin!
Jübtek däl, murtuñam syryp bereýin,
Sen ýöne jübiñde näçe bardygyn
Ýañzytsañ bolýar!

Çişe düzülenje serçe gerekmi?
Ýa gelniñe ýüpek-parça gerekmi?
Häzir boýnun sogrup bişrip bereýin,
Parçadan şu ýerde biçip bereýin,
Sen ýöne murtluja niçik ärdigiñ
belli etseñ bolýar!

…Weý nirä?
Hany dur, bir zatjyk al, how?
Nätdiñ-aý, ýarysyn geçeýin, gel how!
Ýýak, gardaş, senem-aý çöññemidiñ-aý,
Ýa asyl bar puluñ teññemidi-aý?
Şeý diýsene!
Onda şu ýerden tizräk
Güm bolsañ bolýar,
Häý, seniñ…

Kair, 1969

Annaberdi AGABAÝEW,
Türkmenistanyñ Halk ýazyjysy. Goşgular